# Çakma taryhçy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Çakma taryhçy ÇAKMA TARYHÇY

Häkimiýetiñ ýene-de bir çakma taryhçysy ýazdy: "Angliýanyñ ýeke ok atmazdan Stambuldan çykyp gitmeginiñ sebäbi halyflygy ýatyrmaga berlen sözdür!"
Ahyrynda munam öwrendik, ýurtlaryñ agzyndan söz çykan badyna ýerine ýetirilýän eken! Galyberse-de söz berlenine güwä geçýän ýeke subutnama ýok, emma olañkam düşnükli: subutnama esaslanýan taryh ýazdylar diýsene?
Iñ ýamany-da şu: Geçmişi ýalñyş okaýandyklaryndan şu gün köp ýalñyşýarlar, köp büdreýärler. Bilenoklar: taryhyñ hakykatlaryn öwrenmeýänler şol ýalñyşlyklary zol gaýtalar durarlar…
Toslap tapan rowaýatlaryna esaslanyp taryhçysyraýan sumaklar taryhyñ gelejege ýol görkezýän mugallymdygyny añlanoklar…
Şunça ýyllyk häkimiýetlerinde TARYH ýazyp bilmezlikleriniñ bir sebäbi-de hakykat bilen ýüzleşip bilmeýändikleri dälmi?
Iñlisler "halyflygyñ ýatyryljakdagyna" söz berilendigi üçin Stambuly terk edipdir, şeýle? Ine, şular ýaly derejede ýüzleý bularyñ taryha bolan garaýyşlary…
Bu sözi eden iñlisleriñ şol döwür ýurdunda nämeleriñ bolup geçendigini bilýärlermi? Birinji jahan urşunyñ ýüze çykyş sebäpleri hakda (1870-nji ýyllardan başlap Ýewropanyñ syýasy-ykdysady durmuşynda nämeleriñ bolup geçendigini) bütindünýä taryhyndan bilýän zatlary barmy? Nirden bolsun… Bar bolsa, jahyllygyñ miwesi bolan ýokarky sözi aýtmazdylar.
Näme diýmek isleýändigimi açyk beýan edeýin:

- **KYN ÝAGDAÝDADY**

"Globallaşma" adalgasy XIX asyryñ ahyrynda orta çykdy.
Global söwda 1850-nji ýyllarda 1.7 milliard dollar bolan bolsa, 1913-nji ýylda 18.7 milliarda ýetdi.

Birinji jahan urşundan öňki ýigrimi ýylda ortaça ösüş 4%-e çykdy.
Emma. Iňlisler import senagatynda pese düşýärdi: 1800-nji ýylda import potensialy ýüzden 73.3 göterim bilen dünýäniň birinjisidi. (Iň ýakyn bäsdeşi ABŞ 46.9 göterimdi.)
1913-nji ýyla gelinende Angliýa 127.2%, ABŞ 298.1% boldy. Üstesine ikinji ýerde 137.7% bilen Germaniýa bardy. Dördünji ýerde 76.6% bilen Russiýa.
Munuň bilen birlikde uly güýçleriň ýaraglanşyga edýän çykdajylarynyň başyny ruslar çekýärdi: 101.7 million pound. Ikinji ýerde 93.4 million pound bilen Germaniýa, üçünji ýerde 72.5 million pound bilen Angliýa bardy.
Ýaraglanşyga ummasyz çykdajylary eden Russiýada patyşa özüni halas edip bilmedi: 1917-nji ýylda Sowet rewolýusiýasy bolup geçdi. Ikinji ýerdäki Germaniýa-da ýeňildi: imperiýa çökdi, içerki gapma-garşylyklar döredi.
Angliýa täze ýerleri eýelendägine garamazdan uruşdan iň köp zyýan çeken ýurt boldy. 1919-1923-nji ýyllarda agyr ykdysady krizisi başdan geçirdi. Işçi tolgunşyklary, işsizlik we inflýasiýa ýetjek derejesine ýetdi. (1921-nji ýylda işsizlik 2 million 700 müňe ýetip, rekord derejä çykdy.)
Şeýle-de:
Nasional akymlar güýçlenýärdi, garaşsyzlygyny gazanmak üçin göreşýän Irlandiýa garşy uruşýardy. Koloniýalaryna gözegçilik etmek üçin çykarylýan harby çykdajylarynyň ýerini dolup bilenokdy.
Mysal üçin: Hindistanda boýuna çenli batypdy. Ýeke ok atman (!) 1922-nji ýylda Müsüriň, on ýyldan soňam Yragyň garaşsyzlygyny ykrar etmeli boldy.
Angliýa Kanada, Täze Zelandiýa, Awstraliýa, Günorta Afrika Soýuzy ýaly koloniýasy astyndaky dominion ýurtlara 1923-nji ýylda daşary syýasatyny özbaşdak ýöretmäge hukuk berdi. Uzatmaýyn.
"Täze kolonial düzgün" döreýärdi: harby güýç ulanmazdan ýurtlary ykdysady taýdan basyp almak! Ýagny… Angliýa çig maldyr işçi güýjüni berýän ýurtlaryny harby güýç arkaly basyp almazdan "siwilizasiýalaşdyrýarys" diýip, tebigy baýlyklaryna

el uzatmagy ýola goýdy…

- **HURAFAÇY KELLE**

Kellesini hurafa taryhçylygyndan galdyryp bilmeýänler Lozanda iň uly çekeleşigiň Türkiýe bilen Angliýanyň arasyndaky kapitulýasiýalaryň aradan aýrylmagynyň üstünde bolup geçendigine düşünesi gelenok. Lozan gepleşikleri şonuň üçin ýarpy galdy. Iňlisler Türkiýäniň aýgytlylygyny görüp gol çekmäge mejbur boldular. Iňlis oppozisiýasy "at-abraýymyzy ýere sokduňyz" diýip hökümeti topa tutdy. Häkimiýetem "Ankaranyň sowet rewolýusiýasynyň täsirine girerinden gorkduk" diýip özüni aklady.

Indi jinnek ýaly täsiri bolmadyk "osmanly halyfyny" äwýän bir barmydy eýse? Angliýanyň meýilnamasy esasynda durmuşa geçirilen haşymy urugyndan Şerif Hüseýiniň "halyflygyna" giräýeliň bolmasa! Galyberse-de, Kuranda dini däl-de, syýasy adalga bolan "halyfat-halyflyk" sözi bir ýerde-de geçenok…

Şama-şaýyrdylyga dolanyp geler bolsak, hurafaçy taryhçylaryň pikiriçe Angliýa Hindistandaky musulmanlary "başsyz" goýmak üçin halyflygy ýatyrdanmyş! Ýeri…

Mysal üçin, halyf Abdylmejit musulmanlara ýygy-ýygydan "hindistanlylara eýeril aýaga galyjy bolaýmaň" diýip ýüzlenmedimi? Wakalar şolar ýaly bolup ýörkä çeken zyýanlarynyň öwezini dolmak üçin iňlislere müň sterling berip, haýyr-sahawat kampaniýasyny gurnamadymy? "Haýdarabadyň taryhynda" şeýle maglumat açyk ýazylan: "Angliýa topalaňy basyp ýatyrmak üçin osmanly halyflygynyň magnawy täsirini dowamly peýdalanyp geldi"

Osmanly halyfynyň iňlislere garşy gitmegiň berjek zyýanyna göz ýumup hindistanlylary goldandygyna diňe taryhy bilmeýänler ynansyn.

Sözümi jemlär bolsam:

Şu gün 6-njy oktýabr…

Stambuly kese ýerli basybalyjylardan halas eden serkerde Mustapa Kemal Atatürki minnetdarlyk bilen ýat edilýän gün.

Näme diýipdi ol:
Gelişleri ýalam giderler…
Edil çakma taryhçylar ýaly!

Soner ÝALÇYN.

"SÖZCÜ" gazeti, 06.10.2021 ý. Taryhy makalalar